## Işçi güýjüniň gözegçiligi

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 28-nji maýyndaky 11072 belgili karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň Statistika ulgamyny halkara standartlaryna geçirmegiň 2010-2012-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň we zähmetiň statistikasyny mundan beýläk kämilleşdirmegiň çäklerinde Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan çärýekleýin esasda öý hojalyklarynyň binýadynda işçi güýjüniň seçimleýin gözegçiligi durmuşa 2011-nji ýyldan ornaşdyryldy.

Işçi güýjüniň seçimleýin gözegçiliginiň geçirilmegi zähmet we ilatyň iş bilen meşgullygy boýunça statistiki hasaba alyş we maglumatlary ýygnamagyň we işlemegiň usullaryny mundan beýläk hem kämilleşdirmek we milli statistiki maglumatlaryň halkara deňeşdirijiligini üpjün etmek boýunça Halkara zähmet guramasynyň (HZG) görkezmelerine laýyk gelýär. Bu gözegçilik goşmaça maglumatlaryň ýygnalmagyna ýardam edýär, ilatyň zähmet bazarynyň ýagdaýyna, iş bilen meşgullygyň formasyna, kärhananyň görnüşine we ululygyna garamazdan, ilatyň ähli toparlarynyň doly gurşalyp alynmagyny üpjün edýär. Zerur bolan ýagdaýynda gözegçiligiň esasy soragnamasy degişli tematiki modullar bilen doldurylyp bilner.

Türkmenistanda işçi güýjüniň seçimleýin gözegçiligini geçirmek üçin Türkmenstatyň 2014-nji ýylyň 31-nji dekabryndaky 91 belgili buýrugy bilen gaýtadan seredilen logiki yzygiderlilikde ýerleşdirilen gözegçiligiň hasaba alyş alamatlary boýunça soraglaryň we jogaplaryň görnüşleriniň taýýar tekstini özünde jemleýän gözegçiligiň sowalnamasy we ony doldurmak boýunça gysgaça gollanma tassyklandy. Aşakdakylara mümkinçilik berýän “Işçi güýjüniň seçimleýin gözegçiligini geçirmek boýunça usulyýet düzgünleri” işlenip taýýarlanyldy:

- Halkara zähmet guramasynyň ölçeglerine laýyklykda, ykdysady iş bilen meşgullanýan ilatyň, iş gözleýän ilatyň we ykdysady taýdan işjeň däl şahslaryň sanyny kesgitlemek;
- ýurt we her bir sebit boýunça iş bilen meşgullanmazlygyň hakyky möçberini kesgitlemek.

Alnan statistiki maglumatlar jynsy, bilimi, ýaşy, ykdysady iş görnüşleri, çägi we ýaşaýan ýeri boýunça toparlara bölünýär.

“Işçi güýjüniň seçimleýin gözegçiligini geçirmek boýunça usulyýet düzgünleri” zähmet statistikasy boýunça halkara görkezmeleriniň, Ýewropa ýurtlarynyň, Russiýa Federasiýasy, Gazagystan we beýleki GDA ýurtlarynyň iş meşgullygyň meseleleri boýunça ilatyň seçimleýin gözegçiligini geçirmekdäki tejribesi esasynda işlenip taýýarlanyldy.

Işçi güýjüniň gözegçiligi ýörite taýýarlanan hünärmenler (interwýuýerler) tarapyndan öý hojalyklarynda ilatdan resminamalary talap etmezden, şahsyň ýuridiki salgysyna, ýagny ýazga duran ýerine gabat gelýän ýa-da gabat gelmeýän hemişelik ýaşaýan ýerinde, sorag bermek usuly arkaly geçirilýär.